# Emgek – 4 / powestiñ dowamy

Category: Kitapcy,Powestler,Sözler
написано kitapcy | 21 января, 2025
Emgek – 4 / powestiñ dowamy  8.

Omar agşamara agasynyň öýüne geldi. Olar jaýyň kölegesine ýazylan düşegiň üstünde birtopar bolup otyrdylar.
Salowmaleýkim.
Onuň salamyny göwünsiz aldylar.
– Kim ol?–diýip, Mejit däde sorady.
– Omar! Omar. Öz iniň ogly. Aşgabatdan gelipdir.
Mejit aga gygyryp başlady.
– Näme üçin gelýär ol . Meniň Ondan ýaňa çekip ýören öňki derdim azmy? Ol meni öldürmäge gelendir. Ýok ediň, şu mellekden. Ýok bolsun. Onuň atasyndan bizar men. Atasy gitdi, indi arkama ýel deger diýsem, bu dogman geçeni olardan beter boldy.
Ýaşulynyň haýýar sesine beýleki goňşularam üýşüşip geldiler. Olaram Omar bilen salamlaşman, düşege geçip, tomaşa maýyl bolup, edep bilen ouryp başladylar.
Indi onuň garny doýdy. Aşgabatda weşeň-weşeň aýlyk alyp ýaşaýar. Gyzlaryny gowy ärler alsyn diýip, ýympyk-ýympyk atlary dakan bolup, köçeden-köçä, bazardan bazara poson atyp gezen bolup, ol öz syrty bilen däl. Oňa edilenleriň bary, şemala gitdi. Ol mesirgedi, azdy. Oňa aga nämä gerek. Şol alan kürtmi, tatmy heleýi bilen bolubersin. Men oňa nähililer edip, özüm iýmän, çagalarymyň agzyndan kesip, kömek etdim. Gyzlarbadyň ak bazarynda eline otuz manat berdim. Bäş- alty sany agaç çemçe getir diýdim. Pulam gitdi, çemçe-de ýok. Mämik bolsa oňa bäş ýüz manat beripdir. Ol pulam gitdi. Men bolsam, toý edenimde ejesi Sonanyň eline müň manat berdim. Henize çenlem getirenok. Munça puluň bolsa, alanyňy bewr, aý netikaza. Men ony „Tokmaga“ ýazdym. Men ony suda berdim. Şondan gorkup gelendir, namart haramzada.
Omar oturyp bilmedi.
– Mejit däde!

Ýaşuly şol öňki bady bilen gygyryp başlady.
–Tutma, adymy. Meniň adymy haram iýen agzyňa salyp, hapalama! Tur, ugra!
– Bolýar. Men seniň duzuňy dadamok. Ýöne sözüňe jogap ber. Beýleki sözleriňi geçýän. Sen aýt! Men Aşgabatda Aýnazar golaga duşdym. Ol maňa uly iliň içinde, „Mejit dädeňden müň manat alypsyň. Sen şony häzirem bermänsiň. Ol iliň içinde, häzirem gygyryp, gargap otyr. Özüňem“Tokmaga“ ýazdy“ diuýdi. Ine müň manat! –Omar jübüsinden kagyza dolangy müň manady çykatyp, keçäniň üstünde goýdy. –Ýöne şol puly kime bereniňi şaýady bilen aýdarsyň. Puluňam alarsyň.
– Ýazjak, „Tokmaga“ däl. Men şu mellekden ynjalamok. Ýogsa, özüm Aşgabada, Sowet Ministriň ýanyna gitjek, Suda-da berjek.
Ýaşuly uly dabara bilen yglan etdi.
– Men seniň toýuňda müň manady jemläp, Mämigiň eline berdim. Şol meniň şaýadym.
Me, şuny Sonanyň eline ber diýip.
Adamlar doňup galdylar.
– Han-a özi otyr, aýdybersin.
Oturanlar Mämigiň ýüzüne seretdiler. Mämik ýassyk tirsekläp ýatan ýerinden galdy.
– Ata!–diýdi.–Ilk-ä sen maňa müň manat däl-de, ýüz manat berdiň.
Ýaşuly hiç zady aň etmän agzyna gelenini aýdyp goýberdi.
– Şol ýüz manat köýne puluň müň manady bolar-da.
– Mämik Omaryň ýüzüne ýylymsyrap seretdi.
– Sen „Tokmaga“ müň manat aldy“ diýip ýazdyň-a. Puluň çalyşanyna indi sekiz ýyl bolup barýar-a. Kim seniň köne puluňy hasap edýär.
Ýaşuly onda-da öz sözüni delile getirdi.
Ýok. Meniň hasabym bilen müň manat bolmaly!
Mämik jyzyr-jyzyr etdi.
– Hawa, esen maňa Sona ber diýip, ýüz manat berdiň.
– Bolýa. Ýüz manat azmy? Hany şol pul?
_- Men şol ýüz manady Sona bermedim!–diýip, Mämik boýun aldy.
Hasaby tersine çykan ýaşulynyň, öz ýalňyz ogluna gahary geldi. Ol şol gahary bilenem, uzyn, garry barmaklary bilen keçäni

dyrmalap:
— Näme üçin bermediň. Men saňa ony Sona ber diýip bermedimmi?—diýdi.
—Bermäge, Ata Amanyň dükanyna barsam, un bar eken. Iki halta un aldym. Een bu wagta çenli näme aýlyk salýaňmy, öýe. Iýip otyrsyň-a!
Ýaşuly erbet titredi.
— Hany, galany?
— Galanyny Ata Kiçä mal haky diýip berdim.
Mejit däde geplemedi.
Omar adamlar ýüzlendi.
Adamlar, „men Omara müň manat berdim. Onam berenok diýip, “Tokmaga“ ýazypdyr. Etrabyň suduna arza ýazypdyr. Aslynda, gördüňiz, eşitdiňiz, müň manadam ýok, ýüz manadam. Indi men näme edeýin. Men bu abraýymy ne günlük bilen gazandym. Meniň abraýyma şärik bilup, ony saklamaly adamlar şeýdip ýörkä, men indi näme etmeli!..
Omar laňaňa ýerinden turdy-da, hyrra yzyna öwrülip, garaňkylyga siňip gitdi.

9.

Dünýä tüm garaňky bolsa-da, Omaryň kalby duýdansyz ýagtylanyp gitdi.Düýn öýländen bäri onu bogup, aýagyndan gandal bilup asylan, beýnisine naýza bolup sanjylyp duran müň manatly, sudly- prokurorly, „Tokmakly“ gep-gürrüňler ýagta galan kötsyçan ýaly, ýok, ýok, aýagyna ýapyşan palçyk ýaly bolup gowrup-gysyp barýan ýakymsyz oý-pikirler, duýdan syz ýerden pytyrap gitdi-de, ýigidiň kalby ýakymly ýagtylyp gitdi. Onuň juwan bedeniniň gany bolsa, böwňedi ýykylan joşgunly bulak ýaly bolup, bedenine eňterilip gitdi. Ol süýjüje ýeňillik, ýakymly keýp duýdy.
— Sen ýeňdiň!—diýip, argyn kalbynyň bir ýerinden joşgunly owaz eşidildi. Erkinligiň, päkligiň, ertire bolan pynhan umytlaryň şerbeti kükreginiň bir ýerlerinde lummur-lummur edip gitdi.
Beýle şatlygy Omar gaty köpden bäri dsuýubam görenokdy. Ol häzir şu şirinlige gaplanyp, şundan Aşgabada pyýada gitmäge

taýýardy.
Häzir ol oglanlykdan aýagyzlary galan, kakasynyň, ejesiniň, asyl, bir wagtlar bu dünýäen giden kowum-garyndaşlarynyň ýöräp giden ýoly bilen barýandygyna duýanokdy. Dogry, bu garaňky tümlük mukaddes zatlaryň ählisini häzir ondan gizleýän ýalydy. Onuň bar görýäni ýeňişiň şuglaly ýagtylygydy. Ol ýeňipdi. Indi, ol çirksiz.
Omar begenýärdi. Indi ol azatdy. Partiýa çilenligine geçmeli bolsa-da, bölüm müdiri bolmaly bolsa-da, jaý berilmeli bolsa-da, onuň müýnem ýokdy, gepi-gürrüňem ýokdy. Oňa şyltak atjagam ýokdy.
„Alma näme?“ diýip, bir ses ony ynjalykdanaýyrdy. Ol hiä-le, diýip, Omar elini salgady. „Alma menden gowyny tapsa, han-a ýoly, gidibersin“.
Mejit däde-de ýok. Aýnazar golagyňam nejisa dili indi meniň ýanymda gysga! Men ýeňdim! Indi men töhmetçi diýip, Mejit dädäni „Tokmaga-da“ ýazyp bilýän. Gerek bolsa, suda, prokurora-da berip bilýän. Olar, dursun bakaly, maňa baý, agam diýerler-ä.
Omar bu şatlygyndan duýdansyz ýadady. Sebäbi, iki günüň agyr beýni dartgynlylygyndan soň bu ýiti şatlyk onuň bar ysgynyny aldy. Düýnden bäri onuň agzyna ýeke owurjyk suwam almadygy ýadyna düşdi. Nämedir bir zatjagaz gäwüşäp, soňam, tä ertire, awtobus ugraýança ýatasy geldi.
» Nirä, kimiňkä gitmeli?“
Ol bu obalarda kimiňkä baranda-da öňünde bir çäýnek çaý bilen el ýaly çöregiň goýuljagyny bilýärdi. Ýöne, ol bu ile gelip, öz öýüni, öz ojagyny goýup, ýat gapylary kakmagy özüne kiçilik bildi. Gaýdyp, iliň ýanynda hiç haçan kiçelesem, bu ýerlerde hiç kime görünesem gelmedi.Ol öz çözgüdine begendi.
„Öýe baraýyn. Açarym-a ýok welin, onda-da penjireleriniň birini açar-da, içeri özümi ataryn. Öýde köne-sana keçe, ýorgan-düşeg-ä bolmalymyka diýýän…
Omaryň göz öňüne içi-daşy idegsizlikden omur-jomur bolup giden ebtini agdaryp duran köneje jaýlary geldi. Ol eginlerini tümmerdip içini çekdi.
– Elbet-de, özüň bolmasaň, jaý beýleki tozmak bilen ahyry.

Adamyň özi gutaryp barýar-a.
Omar obanyň içine sowuldy. Güýz çygregi ýigidi öz salkyn demi bilen gujaklady. Ýöne , nämüindir, indi birwagtky atygsap duran göwün bu jaýlara miltem etmedi. Duýgulary doňupdy. Ýüregine ornan başlar bitişipdi. Ýogsa, ol bu ýerleri Aşgabatda ýatlanda ýüregi ersip, duýgudan ýaňa ýaňaklary çawlanyp gidýärdi ahyryn.
Ol köne jaýlarynyň işigine geldi. Kimdir biri garaňkynyň içinde gap-gara salgym bolup dur
– Omar jan, jan oglum, geldiňmi?!
–Hawa!
– Gel, gir balam , içeri!..
Ol gara işigi açdy-da gürüm-jürüm boldy- da birdenem Omaryň boýnundan nämedir bir zatjagaz asylan ýaly bolup gitdi.
Ol içeri girdi. Oýlanman, zat etmän, oglanlykdaky endigine görä, elini uzadan ýerinden çyranyň düwmesini tapyp, yşygy ýakdy.
Omar gözlerine ynanmady. Içeri gül pürkülen ýalydy. Damja-samja zaýalama niräniň gürrüňi. Diwarlaryň agy gözleriň nuruny kesýärdi. Orta saçak ýazylgydy. Täzeje çäýnek bilen käse gapdaldaky klýonkanyň üstünde güldüräp durdy.
– Bu näme boldugy? Ýa ejem janym…
Ol erbet tisgindi.
– Ýaňky, işikde duran kimdi? – Ol gyssandy.–Ejem, eje janym. Şonuň sesidi. Eje, eje jan!..
Ol hasanaklap daş çykdy.
– Eje!Eje! Eje!..
Onuň sesi garaňky tümlügiň içinde ýaňlanyp gitdi.
Gapdaldaky jaýyň işigi açyldy.
– Kim?!
– Eje! Ejem hany?
Bu sapar omar özüni saklap bilman, bagyrdy. Ýöne aglamady.
Gapdaldaky öýüň işiginde elem-tas bolupduran maşgala aýagy ýalaňaç, başy açyk, gönüläp, pelleriň içi bilen oňa bakan ylgady.
– Waý, Omarmy? Omar. Waý, hakyt Omar!Omar gelipdir!..
Omar birhili düýrükdi. Ol goňşy gapyny açanyň Sapargüldigini

duýupdy.Ol Sapargüli ýatlanda, ýüregininiň bir bölegi tirşelenip, ýere gaçan ýaly boldy.
Sapargul, aňyrdan gelişine özüni Omaryň boýnuna zyňarly görünse-de, golaý geldigiçe, ejap etdimi, nämemi, beýle etmedi. Ýöne, begenmekden ýaňa onuň ýüregi ýarylyp barýardy.
— Geç, geçsen-e, düşegiň üstüne geç!—Ol duran ýerinde birki gaýta pyrlandy.—Men häzir çaýyň, naharyň ugruna çykaýyn. Hany geç, ýadansyň!
Omar içeri girdi-de, köwşüni çykardy. Soň töre düşelen täzeje keçäniň üstüne geçdi.
Sapargül ýüküň üstünde iki sany ýassygam alyp, Omaryň oturaýjak ýerine taşlady. Soňýçküň iň üstündäki keçäni sogurdy-da, ony Omaryň oturan keçesiniň dowamyna düşedi
— Saňa diýip, ejem etdi, bu keçäni…
Sapargül daş çykdy. Omar agzyny açyp galdy.Onuň üç dürli suraty, daşy çarçuwlanyp, diwardan asylyp goýulypdyr. Şolaryň gapdalynda ejesi pakyryň iki suraty, özem, Omaryň bilmeýän suratlary ulaldylyp, daşy çarçuwlanyp, asylypdyr. Sona daýza edil diriligindki ýaly, mähribamlyk bilen ogluna garap otyrdy.
Saýargül bir eli mis jamly, bir eli çäýnekli içeri girdi.
— Gel, ýuwun!
— Men, özüm…
Sapargül dikeldi. Özem durşy bilen owasdan ýylgyrma bolup durdy.
— Näme, utanýaňmy?
Omar ýylgyryp durşuna, köýnegini , maýkňasyny çykardy.
— Dur, häli.
Ol gidip sabyn bilen şampun alyp geldi-de, ony Omaryň eline berdi.
Omar ýuwundy. Indi, gör, näçe ýyllardyr, ol beýle heziller edip ýuwunmandy. Onuň ýadyna oglanlyk döwňri düşdi. Ol öýlän, okuwdan sow, ota giderdi. Iner ýaly, agyr ýüklenibem gelerdi. Üsti-başy derden, kirden, kirşenden ýaňa ýalpyldap durandyr.
Sapargül bolsa, ýyljak suw taýýarlap oturandyr. Soň, Omar hezil edip ýuwunardy. Sona daýza Sapargülüň ogly barada edýän bu yhlasyna çyny bilen begenerdi. Garagöz daýzanyň hem göhi gelerdi.

– A gyz Sona boýdaş, gyzymy siziň çotuňyza geçiräýmesem, bu saçy kesileniň bolup ýörşüni bir gör ahyryn–diýerdi.–Özi welin, bagtyýardy.
– Me, plotensäni…
„Şol öňki plotensa“ diýip, Omar ony tanady. Soň süpürinip, ýeňillik bilen düşekçä geçip gyşardy. Çaý içdi. Nahar iýdi.
– Gelnejem, jigilem nähili, Omar? Olary näme üçin alyp gelmediň?
Omaryň her bir hereketini, tutuş didaryny gözleri bilen ýuwudaýlak bolup oturan Sapargül uky ýaly ýuwaşdan mylaýym lyk bilen sorady.
– Aý, olar ýaly bolmad-a. Mejit däde diýen bir bela sataşyp, baryny taşlap gaýtmaly bold-a.
Omar düýn öýländen bäri başyndan geçiren wakalaryny ýyldyrym çaltlygynda oýundan geçirdi-de, baryny Sapargüle gysgajyk gürrüň berdi.
Sapargül ýaşululary ýazgarmady.
– Garry adamlardyr-da, şeýtsem geler, halymy sorar diýip pikir edendir-dä. Olam çykmansoň, beterrägine ýapyşandyr-da. Ol adamlaryň näme diýse-de, näme etse-de, çekiler sylagy bardyr, Omar. Ýöne, senem, halys beter edýäň-ä…
Omaryň gözleri çerreldi.
– Ol-ow, süýde beripdir-ä meni.“Tokmaga“ ýazypdyr. Sen bolsaň, olaryň arkasyny tutan bolýaň!
Sapargül owadan ýylgyrdy. Häzir-ä onuň üstüne gitmekmişin, onuň üstüne çöwjände-de,Sapargüli şu oturyşyndan üýtgedip biljek güýç ýokdy.–Näme, ynanaňokmy, maňa?
–Sapargün müýnlije geplewdi. Ol gele-gelmçge Omaraeýwemsiremesine, oňa aýtmasyz zatlary aýdypduranyna utandy. Onda-da öl aýdyp galanyny bähbit bildi öýdýän. Sebäbi, şu mahal aýtmasa, daň atdygy ol Omary nireden tapsyn.
– Ynanýan-la, Omar. Ýöne, – Ol ynjyly gürledi.–senem beýdäýmeli däj-ä.. Sapargül iki elini ýüzünetutup, titredi. Onuň sesi agyly çykdy. – Biziň ýüregimiz sen diýip, üzülip-üzülip gidýär. Sen kätejik bir şularam bardyr diýip, aýlanaýmal-a. Ol-a agaň, ejem görçüli günde telim sapar agzaýar. Çaýynda çöp çommalsa dag-a iki gözi ýolda. Käwagt ,

şu saçagyň üstüne çaý-nahar goýup, garaşybam oturýap. Heý, bizi bir ýadyňa düşürýäňmi? Eneli gyz bolup, fronçynyň yzynda galan ýaly bolup, garaşýanlarym bardyr diýip, heý, pikir bir edýäňmi, jan, Omar. Biziň sendewn başga kimimiz bar.Sen şony ýadyňdan çykarma…
Sapargül gyp-gyzyl didelerini balkyldadyp, Omara naýynjar garady-da, daş çykdy. Omar ýerine geçip, gussa çekip gyşardy…
–Omar! Omar! Turjakmy? Sagat ýedi boldy.
Bu ses Omara ejesiniň sesi bolup eşidildi.Ol tisginip turdy.
– Eje!
Ol Sapargülüň ýylgyryp durşuny görübem, utandy.
Ol öz eşiklerine elini uzatdy. Gaýtadan ýuwulyp, ütüklenen jalbaryny, köýnegini alyp geýindi. Ol jalbaryndaky iki sany ýamak üçin Sapargülden utandy.
Içeri sary ýaga gowurylan etiň, tamdyrdan ýaňy çykan çöregiň ysy kürsäp urdy. Düşek ýygnaldy. OL ýuwunmak üçin daş çykdy. Sapargül ondan öňürtiledi.
– Ýok,azaragalma. Meniň özüm ýuwunaryn.
Sapargülüň ýçzine kül urlan ýaly boldy.
– Omar, öýkelemesen-e.
Omar sesini çykarmady. Ýuwundy, süpürindi. Soň saçagyň başyna geçdi.
– Çöregi kim bişirdi?
– Özüm bişirdim–diýip,Sapargül edil bir günäli ýaly bolup aýtdy.–Näme, halamadyňmy?
– Sen näme üçin zat iýeňok. Sapargül başyny ýaýkady.
– Iýesm gelenok. Onda-da seniň bilen bir käsejik çaý içäýeýin.
Omar gyssandy:
–Sag bol, Sapargül. Nesip bolsa, men geler duraryn. Aşgabatda jaý ýagdaýym kyn. Çagalar çygly harabada otyr. Iş ýerimdenem bu ýylda, geljek ýylda jaý beriljegi gümana. Ýöne men düşündim. Düşündim, Sapargül. Sen maňa gowy sapak berdiň. Indi men eglenmäýin. Awtobus çykjak.
Sapargül ýylgyrdy.
Şu sapar bir çyk. Indiki sapar öz maşynyňda gaýdarsyň, nesip bolsa.
Sapargül hoiwlukmaçlyk bilen howludan çykyp barýan Omaryň

yzyndan ýetdi. Soň, kagyz haltanyň ýarpysyndan bolup duran agyr ýüki Omaryň eline berdi.
– Bu näme?
Jigilerme, Omar! Külçe bilen gowurma. Wah, ejemiň ýoklugy-da, ýogsa, seni beýdip, boş goýbermezdi. Omaragyr halta sertdi .
– Hiç zat gerek däl–ow.–Omar abyr-zabyr eden boldy. Soň awtobus duralgasyna bakan haýdap ugrady.
_– Omar!–Omar yzyna ýalta seretdi. Dogup gelýän Gün maýa ýaly gyzyň gözlerinden erä, akypo barýardy.–Omar, sen indi haçan gelerkäň?!
Omar erbet büdredi. Birdenem hätanyş duýgular onuň kalbynda joşup-joşup gitdi. Ol ömründe ilkinji sapar Sapargülüň ýüzüne dikanlap-dikanlap seretdi. Sapargülüň eziz didary Omaryň tutuş süňňünde, joşgunly duşgularynyň çuňlugunda eräp gitdi…

Omar şakyrdap duran ýüz manat bilen üýtgeşik müşk bilen süňi suwarylan ýaglygyk barada awtobuas pul tölejek bolup, elini jübüsine sokanda bilip galdy. Ol şol müň manadam agasynyň öýünde keçäniň üstünde, loükgeligi bilen taşlap gaýdandygyny häzir bilip galdy. Onuň ýüregi jigledi. Müň manat ýatdan çyksa-da, Sapargülüň owadan didary, „Haçan gelersiň?“ diýip balkyldap duran ýaşly gözleri bolsa, gaýtadan janlandy.
„Om-ar, sen indi haçan gelerkäň!“
Omar Sapargül bilen bileje geçiren, dogandan zyýada, uýadan artyk görüp geçiren günlerini ýatlady. Ol Sapargülüň henize çenli näme sebäpden durmuşa çykman ýörenine, onuň öz näzik kalbyna hiç kimi sygdyryp bilmejegine indi düşündi. Ol bu maýa ýaly gyzyň didarynyň alyndaonuň umman ýaly giň, heňňam ýaly çuň yhlasynyňöňünde erbet utandy., Kiçeldi.Ol özüni tirşe-tirşe edip çeýnedi.
Giç, indi, Sapargül, gaty giç. Düşünýäňmi, gaty giç indi! Ol ýaşly gözleri bilen özüne seredişýän adamlara garady. Ýöne utanmady.
– Adamlar! Indi gaty giç! Düşünýäňizmi, gaty giç!
Adamlar oňa düşünmediler.Bir şikesli neressedir öýtdüler. Olar onuň hakykatdanam, kalbynyň şikeslidigin düşünipdiler. Olar Omara Aşgabada gidýän awtobusa münmäge binobat ýol berdiler.

„“ Wah, wah nebir oglan, özbaşyna gepläp gelýär“ diýişip, nebsagyryjylyk bilen seredişdiler.
„Özü namart, özüm!Sen hak aýdýarsyň, Sapargül. Iki gün özümden geçýär diýip, azdym men, gaty azdym men.Mejit agam barada, kakamyň dogany barada gör, nähili hapa pikirler etdim, men, Sapargül! Ol meniň ýedi arkamdan galan ýalňyz diregim diýmedim. Ony baryp ýatan haýyn saýdym. Gör, sen dogryaýtdyň, özüm haýyn ekenim meniň, Sapargül.Men gör, bolýan zatlary, „Şol adamyň „Tokmaga“ ýazan arzasy çap edilse, meni partiýa çlenligine almazdylar, jaý bermezdiler, bölüm müdirietmezler“ diýip, gitdim-ä, men oba. Agamyň didaryny göreýin, mähribanlarymyz didaryny gören mähribanymdan togap alaýyn diýip gitmedim-ä, oba. Şol garry töňňä:“Däde jan, halyň niçik?“ diýibem barmadym men.
Wah, Sapargül, jan Sapargül! Meniň nejasat ýaly zaýalananym diňe bular däldir. Ýedi adam on bäş ýyl bäri jaý nobatyna dur. Meniň bolsa, işe baranyma ýaňy iküç ýyl. Emma baş redaktory „jaý berenok, haramzada“ diýip Merkezi komitete ýazdy. Onuň üstesine, „gyz dogurdyň diýip, Alma eden töhmetlerim, haýynlygym näme?“
Men gaty azdym, Sapargül! Men şähere gelip, gaty zaýalandym. Sen menden ýyly söz, mähir isleýäň. Meniň özümiň, çagajyklarymyň hyzmatyny edip, saçyny sübse edip, ellerini çarşak edip ýören Alma gördümi, ony, jan Sapargül.
Gör ahyryn. Agşam men „Men ýeňdim! Men ýeňdim!“ diýip heşelle kakdym. Onda-da masgara bolup ýeňildi – begendim. Men şondan soň köşeşdim. Düşün, diňe şondan soň ýüregim jaýyna gelen ýaly boldum. Ýeňilen, elbet-de, Nejit dädem bolmaly. Sen maňa kimi ýeňdiň diýsen-e. Öz ýalňyz garry töňňäňimi“
Eý, akmak! Kakaň ýogalanda ilki bilen ylgap gelip, ses edipler, janyny berjek bolanyň kimdi. Ejeň pahyr ýogalanda duluňy alyp kyrk günläpýas tutup oturan kimdi?Ol näçe janly, näçe harajat çykardy, seniň üçin. Aýt, sen onuň üçin näme etdiň?
– Öň getirmänsiň, indi, näme, puluň ýokmy? Eltip ber on-ýigirmi agaç çemçäni. Goý, göwni bitsin.
Ýok, Omar! Özüň namart, özüň. Sen diňe özüňi bildiň, diňe

özüňi. Jaýy başyňa ýapjakmy? Bölüm müdirligi nämäňe gerek? Partiýa agzasy seniň nämäňe gerek, nämäňe. Arkaýyn işläp, çagajyklaryňa guwanyp ýaşap ýörmekdenem bir uly bagt bolarmy! Saňa, ýene gury öýke-kine et diýseň.
Näme, iliň-günüň öýke-kine etmäge hajy ýokmy?Goý, müň bolmasyn, bäş ýüz hem däl ekeni. Ýüz manat iberipdir, agaň seniň toýuňa. Onam naýynsap ogly toýa gatanç bermänmiş. Ýöne, agaň göwün edip, pensiýejigindewn süýşürip beripdir-ä. Ýöne, ol ýalan sözlemändir ahyryn. Onuň zeýrenmesem nädogry däl-ä.“
Omar özüni çeýneý-çeýneý Aşgabada nähili geleninem bilmedi.
„Men häzir ýekeje sekundam eglenmän, Almanyň yzyndan gideýin. Ötünç soraýyn, aýagyna ýykylaýyn, ýöne welin öýe alyp geleýin. Ertirem zähmet rugsadyna çykyp, jaýymy gül ýaly edip remont edeýin. Odun, kömür satynalyp, peç guraýyn.
Omar galkyndy. Süňňüne gaýrat gelen ýaly boldy. Ol awtobusdan düşüp, öz jaýyna bakan gitdi oturdy, gitdi oturdy.
— Aý inim, duraweri.
Ol hyrra yzyna öwrüldi. Bölüm müdiriHoja Ahgaýewdi.
— Hoja Akgaýewiç!—Omar gorkdy.—Eýgilikmi?
— Eýgilik, eýgilik. Gorkma. Sen ýene iki sagatdan Merkezi komitete barmaly. Şu gün sagat altyda seni birinjiniň özi kabul etjek diýipdir.
Omar oýlandy. „Jaý üçin ýazan arzamdyr! Ýok, meniň ol diýýänim bolmaz“
Ol işde sekiz baş bolup, ýedi ýyl bäri nobata duran adamdan erbet utandy. Ol Özünden utandy.
— Ýok, agam, men oňa barjak däl. Men oňa baryp bilmen. Indi maňa jaýam, partiýa çilenligem, wezipe-de gerek däl.
Hoja Akgaýewiň gözleri peträp, patdaýere gaçara geldi.
— Jan, jigi jan! Men tas yzyňdan Garrygala gidipdim. Omar üşerildi.
— Sen meniň gelnimi nirede gördüň?
Hoja Akgaýewiç çalaran başyny ýaýkady.
—Men nirede göreýin jan jigi, Öýüňde gördüm. Olam bilenog-a, seniň Garrygala gideniňi. Siz nähil-läý, ýöne…
— Omaryň uüregi saarsdy.
— Aý, goý-a. Öýümde. Bilmeýän eken.

Omar ýöräp däl-de, uçuplar gitdi.
—Alma, mähribanym!..
Omarbelent raýýşa çykdy.
Ýok, Hoja Akgaýewiç, ýokMaňa jaý gerek däl.Men jaý üçin barjak däl, barjak däl.
Ol öz bölüm müdirini haýranlar galdyryp, Aýagaldygyna ylgap, gözden ýitdi.

■ Sözsoňy ýerine.

Omara hakykatdanam, jaý-da, partiýa çlenligi, bölüm müdirligi geregem bolmady. Ony şol güýzüň ahyrlarynda, zähmet rugsadyna çykyp, jaýyny remont edip ýörkä, ýörite çagyryp, Owganystany goramaga giden meýletinçileriň hataryna aldylar. Dogrusy, aýaly agyr ýatan Öwez atly žurnalist ýoldaşyna derek onuň özi meýletinlere goşuldy diýseňem bolardy. Neresse, Şol gidişlikdenem gaýdyp gelmedi. Ol Kandagaryň bir deresinde «duşmanlaryň» gabawyna düşüp, garşydaşlaryň güllesinden wepat boldy.
Ondam ýekeje ýadygärlik galdy. Olam ogly -Ussajykdy. Neresse, ýalňyz oglunyň dünýä ineninem görüp bilmedi.

Fewral- noýabr 1983 —nji ýyl.

Soňy.

Öwezdurdy NEPESOW. Powestler